***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmäge, ýaş nesilleri döwrebap ruhda kemala getirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Şoňa görä-de, ýurdumyzyň bilim-terbiýeçilik ojaklarynda, şol sanda orta mekdeplerde ähli okuw dersleri bilen bir hatarda, rus dili sapaklarynyň okadylyşyny kämilleşdirmek hem esasy wezipeleriň hatarynda durýar.***

Täze taryhy döwrümizde ýurdumyzda ýaşlaryň daşary ýurt dillerini öwrenmeklerini gazanmak ugrunda döredilýän mümkinçiliklerden peýdalanyp, biz hem zähmet çekýän mekdebimizde rus dili sapaklaryny netijeli guramaga çalyşýarys. Sapaklarda okuw maksatnamasy esasynda geçilýän temalary özleşdirmekde innowasion usullardan işjeň peýdalanýarys. Rus dilini we edebiýatyny okatmagyň milli we häzirkizaman usuly ýörelgelerini peýdalanyp, okuwçylaryň rus dilinde ýazmak, okamak, gürlemek endiklerini kämilleşdirýäris.

Sapaklary integrirlenen usullarda geçmäge, elektron görkezme serişdelerinden peýdalanmaga we täze tejribeleri öwrenmäge işjeň çemeleşmek bilen, Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyndan gelip çykýan wezipeleriň hem durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýarys. Şeýle-de nazary sapaklarda öwrenilenleri, synpdan daşary çäreleriň üsti bilen berkidip, maksadalaýyk özleşdirýäris. Mekdebimizde rus dili sapaklary boýunça göreldeli sapaklary guramaga, baýramçylyklar mynasybetli rus dilinde bäsleşikleri geçirmäge, hepdelikleri guramaga, ders bäsleşiklerine taýýarlanmaga we beýleki çärelere işjeň gatnaşyp, okuwçylary bilimiň täze basgançaklaryna höweslendirýäris.

Häzirki wagtda rus dilini okatmagyň we okuwçylarda dil öwrenmäge höwes döretmegiň ýörgünli iş tejribelerini özleşdirip, hünärlerimizi kämilleşdirmäge hem uly üns berýäris. Bu babatda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserleri bize iň ygtybarly we ýokary ähmiýetli gollanmalar bolup durýar.

**Maýsa PAÝTYKOWA,**
**Türkmengala etrabynyň 32-nji orta mekdebiniň rus dili mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026